# NESIBÄMDEN ÇYKAN

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
NESIBÄMDEN ÇYKAN ***
Nesibämden çykan ajy-süýjüsin,
Rysgym bilen bile çekip öýüme,
Ömür salym aşdy gitdi ortadan,
Öň gelmeýän oýlar gelýär küýüme.

Ak garly meýdanlar gara tegmilli
Ýaly hakydamda ýyllaň kerweni,
Hondanbärsileriň goýan yzlary,
Hellewläp dur pespälleriň harmany.

Sizdenem öwrendim, sapak aldym men,
Bu ýuka ýüregi galnadan yzlar,
Aşgazanym doly, başgazanym boş,
Hasylsyz, harmansyz geçirlen güýzler.

Indi bagrym oýkap sary sypala,
Gözlerime sürtüp gyzyl çäjini
Harmançylan geçen ýolundan ýöräp,
Harçlap barýan öz ömrümiň güýjüni. Goşgular